# Türkmen telekeçisi ulanylan suwy gaýtadan peýdalanmaga mümkinçilik berýän enjamy teklip edýär

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy telekeçi Enwer Babaýewe degişli «Ezber eller» kärhana oba hojalygynda ozal ulanylan suwy gaýtadan peýdalanmaga mümkinçilik berýän enjamy hödürledi.

«Rysgal» gazetiniň 2024-nji ýylyň 24-nji iýunynda çap edilen sanynda habar berilmegine görä, täze enjam «altyn dänesinden» tygşytly peýdalanmak meselesini çözmekde ygtybarly serişde bolup durýar.

Habarda bellenilişi ýaly, bu enjam, birinjiden, suwy tygşytlamakda, ikinjiden, ýyladyşhana üçin çykdyjylaryň mukdaryny azaldyp, netijeliligi ýokarlandyrmakda uly gymmata eýedir.

Suwy zyýansyzlandyrmagyň birnäçe görnüşleri belli bolup, olaryň hatarynda ýylatmak, ozondyr ultrasüzgüç, hlorid arkaly zyýansyzlandyrmagy görkezmek bolar. Şunuň bilen baglylykda, kärhana tarapyndan ýola goýlan suw täze enjam arkaly pes basyşly çyralar bilen ultramelewşe şöhleleri ulanmak arkaly zyýansyzlandyrylýar.

Bu usul ygtybarly häsiýete eýe bolup, suw ultramelewşe şöhleleri arkaly zyýansyzlandyrylanda, oňa hiç hili himiki maddalar goşulmaýar. Munuň özi suw dolanyşygyndaky ozalky mukdary ençeme esse azaltmaga we öňki hasyllylygy saklap galmaga kömek edýär.

*Makala ilki «Biznes Türkmenistan» saýtynda 24-nji iýunda çap edildi.*

Все права защищены

21.11.2024